# Biz birek-birekden…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Biz birek-birekden… Orazguly ANNAÝEW

▶ BIZ BIREK-BIREKDEN…

Biz birek-birekden nämüçin doýgun,
Biz birek-birekden nämüçin bizar.
Ejizlän mahalyň sallansa boýnuň,
Diňe şonda sähel ýatlanar didar.
Bolmasa,
biz birek-birekden beter
Myrtar habarlary edinip hörek,
Dünýäň aladasyn eden bolýarys,
Öz goňşyň derdini duýmaga derek.
Bize duýgudaşlyk bildirmek aňsat,
Uzakda bir ömre düşse kölege,
Bir ädim beýläňde ejir çekýäne,
Ilki baryp ýetişemzok kömege.
Deňinden perwaýsyz geçip gidýäris
Köçede ýykylyp ýatsa-da biri.
Ölen pişigi ýa güjügi görüp,
Şeýlebir örtenýäs,
ýanýarys diri.
Uly ogurlygyň açylyp üsti,
Tüpbozanlaň mäkäm berseler merkin,
Jeza teşne ýaly az görüp ony,
Başyny gynançly ýaýkaýar her kim.
Dürli künjeginden ýer togalagnyň,
Ýene habar berýär:
ölüpdir ýüz,
müň…
Göwnümiz bir ýaly diňläp otyrys,
Bolupdyr bu endik,
edähet,

düzgün.
Hany öňki ýaly goňşyokara?
Hany öňki ýala mährem ysnyşyk?
Golaý bolup bilemzok biz birjik-de
Giň dünýede bir-birege gyslyşyp.
Döräpdir ýürekde gataňsy gabyk,
Biperwaýlyk alypdyr bar ysgynyn.
Kabulam edenok,
eçilenogam,
Kalbyň çuň künjünde galan yssysyn.
Gyssanab mahalyň undulýar kän zat,
Ýitýär munda ençe zatlaryň parhy,
Köp ýol geçendirin öýdýärsiň,
ýöne
Giden ýerbe getir pelegiň çarhy.

* * *

Ynsanyň ömürlik hyrşy bar ýaly,
Ahmyr bilen bakýar mydam asmana.
Günden bir alamat bolmaly ýaly,
Taýýar deý ýyldyza gulak asmaga.
Nämälimlij jadylaýar kalbyňy,
Unudyp bar zady duýanok gorky.
Ýöne ak asmanyň aýna dek ýüzi,
Görkezip bilenok ýerdäki gorpy.
Arzuwmy bir bölek daşa öwürip,
Zyňýaryn asmana,
galýar belende.
Nazarym eglenýär soňky nokatda,
Maýyl däl bu daşa gaýdyp gelende.
Geň zat,
zyňlan daşlar gaýdyp gelenok,
Ýogsa oň köpüsi gelmeli burun.
Gelmedi,
ýer tutdy gögüň ýüzünde,
Soňra men olary unudypdyryn.

Durmuşdaky urgulara döz gelip,
Özümi tutamda ýaňy aýňalyp,
Gaçdy meň depämden zyňan daşlarym,
Gelipdirler bu älemi aýlanyp.
Indi hasaplaşyk pursaty geldi,
Ýaşadyn ömrümi men dyza çökmän.
Gerek boljak ähli zyňan daşlarym,
Olaryň baryny alaýyn çöpläp.

* * *

Uzak dowam edýär bu ýagdaý indi,
Her gün gaýtalanýar gijäň ýarymy.
Ejir berýän ýene-de men özüme,
Bir näkesden alýan ýaly arymy.
Başga biri özün beter ezizläp,
Özüne artykmaç bir söz dözenok.
Men bolsa özümi heläk edýärin,
Sowal bilen öz-özümi ezeläp.
Bilýän meň häsiýetim ile meňzeş däl,
Şoň üçinem öz janymy gynaýan.
Ynsabym bähbide gulluk edenok,
Şoň üçinem men özümi sylaýan.
Ýöne öz göwnüňi görmekçi bolsaň,
Sen belent başyňy köpe egmelim
Özüňi oňarsaň,
buýsançly bolsaň,
Göribiň gözüne bolýaň nyşana.
Seni basyp,
seň üstüňi basgylap.
Goşuljak bolýarlar myrryhlar sana.
Bolmaz boşlugyňy ýygşyrmak üçin
Barlynyň üstüne sürünjek bolsaň,
Ýüki samanlary daşyňa toplap,
Bolşuňdan has beter görünjek bolsaň.
Giden deň-duşlaryň,
ýoldaşlaryňa

Eden garalygñy ýatlap aglasañ,
Kalby päklemese çekilýän ejir,
Bu gün edýän pisligiñi añmasañ.
Nämä gerek akyl satmak millete,
Çete çekilmegi,
dymmany başar.
Ahmyr eden bolup biderek ýere
Gozgalan ruhlar tagmasyn basar.
Meñ ile bergim ýok,
göripler üçin,
Ýene-de özüme berýärin azap.
Olaryn ejirin alyp üstüme,
Şolary jebirden edýärin azat. Goşgular